# Itlere

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Itlere ITLERE

Üýrüberiñ, itler, näçe üýrseñiz,
Durup üýrüñ, ýöräp üýrüñ, üýrüñ siz.
Üýrüp-üýrüp, goýarsyñyz irseñiz,
Irmeseñiz, selk-selk ýollar syryñ siz.

Her «haw» diýenñize «ýit» diýip ýörsem,
Siziñ ýitmän, meniñ ýitmegim ahmal.
Zol gorkup, daşyma berk diwar örsem,
Meni gurşap alar niçiksi ahwal!
Günüme gyýylyp, kimler ah-wahlar?!

Dogulsam-da dört diwaryñ içinde,
Şonda galmak üçin dogulmandym men.
Taplandym durmuşyñ otly pejinde,
Göreşleriñ gudratyndan gandym men.

Onsoñ ýykyp gözýetimi daraldýan,
Dünýäniñ betgelşik diwarlaryny,
Oýadyp aldawda keşbin saraldýan,
Dünýäniñ gussaly bimarlaryny.

Göreşiñ gaýduwsyz goşunna goşmak,
Meniñ ýüregimde beslän niýetim.
Güne-de ýaraşmaz dogmanka ýaşmak,
Gözellige hyzmat eder senetim.

Näçe hawlasañyz, hawlañ, siz, itler,
Sizden gorkup durmaz durmuş kerweni.
Sizdeb gorkup ýolda eglenjek günüm,
Durşum bilen sokga sorsun ýer meni!

Sapar ÖRÄÝEW. Goşgular